# Kaka, buşluk!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kaka, buşluk! KAKA, BUŞLUK!

Arzuwma şärikdeş mähribanym sen,
Çagalykdan zehinime guwandyň.
“Ulalaňda kim bolmakçy?!” diýeňde,
Diýerdim: «Men talyp boljak ulalsam”.

“Ykbal nesibäňe ynansaň näçe,
Şoňa iki esse özüňe ynan”.
Şowsuz dolanamda her ýyl öýmüze,
Diýerdiň: «Gynanma, ýene-de synan!”

Uzak ýyllar gulagmyzyň küýsäni,
Ýakymly habara intizar galdyň.
Gyzyň ynamyňy ödedi ahyr –
Kaka!
Kaka, buşluk men talyp boldum!

Aýbibi AÝMAKOWA.
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby. Goşgular